# Meniň dünýäm

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Meniň dünýäm

MENIŇ DÜNÝÄM

Kime ýapyk, kime dardyr,
Ýagşa hormat, mähir bardyr.
Göwündeş göwüne zardyr,
Baralgadyr meniň dünýäm.

Öz erkine baş bolana,
Ýamanlyga kaş bolana,
Dellalykdan daş bolana,
Duralgadyr meniň dünýäm.

Özgeleşdi asyr-döwür,
Özgermedik çeker jebir.
Döwrany az, datly ömür,
Sürelgedir meniň dünýäm.

Dillenmän, ses-üýnsiz bolup,
San bolandan, sansyz bolup,
Ýaşajaga müýnsiz bolup,
Göreldedir meniň dünýäm.

EJEM-janym, mähreM mazym.
KAKAM-köküm, adyl kazym.
Aslyma-neslime karzym,
Berelgedir meniň dünýäm.

Şer ýolunda kese ýatan,
Bardyr munda haýyr tapan.
Azap görer kesek atan,
Goralgydyr meniň dünýäm.

Doň ýüregi ýaglamaga,

Il agysyn aglamaga,
Gapan-göwün awlamaga,
Gurulgydyr meniň dünýäm.

Umytly bakyp geljege,
Sözlerim goýdum aljaga.
Gönezlik bor goýaljaga,
Serilgidir meniň dünýäm.

Muhammetberdi ANNAGELDIÝEW.

Goşgular